**Tema: Gurluşyk ýylylyk tehnikasy barada esasy maglumatlar.**

1. Ýylylyk çalyşmaklyk.
2. Ýylylyk geçirijilik.
3. Konweksiýa.
4. Ýylylyk şöhlelenmesi.

**Ýylylyk çalyşmaklyk** diýip ýylylyk geçirmeklik baradaky taglymata aýdylýar. Belli bolşy ýaly, ýylylyk tebigy usulda diňe gyzgyn jisimden sowuk jisime geçýär we olaryň galtaşmaklarynda birinji sowaýar, ikinji bolsa gyzýar. Emma göräýmäge adaty bolan bu hadysalar, hakykatda çylşyrymly ýylylyk geçirmeklik prosesslerini emele getirýärler. Ýylylyk geçirmeklik üç sany ýylylyk çalyşmaklyk proseslerine bölünýär: **ýylylyk geçirijilik, konweksiýa we ýylylyk şöhlelenmesi.**

**Ýylylyk geçirijilik** diýip jisimiň bölejikleriniň gös-göni özara galtaşmaklygy esasynda bolup geçýän ýylylyk çalyşmaklyk hadysasyna aýdylýar.
Ýylylyk geçirjilik usulynda bolup geçýän ýylylyk çalyşmaklyk islendik jisimlerde bolup bilýär, ýylylyk çalyşmaklygyň mehanizmi jisimiň agregat ýagdaýyna bagly bolýar. Ýylylyk geçrijilik suwuk, aýratynam gaz görnüşindäki jisimlerde örän az mukdarda bolýar. Gaty görnüşdäki jisimler bolsa dürli ýylylyk geçirjilikli bolýarlar.

**Konweksiýa** diýip suwuklygyň ýa-da gazyň bölejikleriniň özara hereketi we garyşmaklygy esasynda bolup geçýän ýylylyk çalyşmaklyk hadysasyna aýdylýar.
Konweksiýa prosesi diňe suwuklyklarda we gazlarda bolýarlar. Konweksiýa elmydama ýylylykgeçirijilik bilen utgaşmaklykga bolup geçýär.

**Ýylylyk şöhlelenmesi** diýip yşygyň ýaýraýşy bilen kybapdaş, elektromagnit tolkunlary görnüşinde ýylylyk çalyşmaklyk hadysasyna aýdylýar.
Ýylylyk şöhlelenmesi esasynda bolup geçýän ýylylyk çalyşmaklyk ýylylykgeçirjilik we konweksiýa prosesslerine bagly däl ýagdaýda bolup geçýär, özi hem has gyzgyn jisim energiýany elektromagnit tolkunlary görnüşinde şöhlelendirilýär, beýleki, gyzgynlygy pes jisim bolsa energiýany özüne siňdirýär we gyzýar.

Adatça, jisimleriň arasynda bolup geçýän ýylylyk çalyşmak ähli üç usul bilen bilelikde şol bir wagtda, bolup geçýär. Olaryň ýylylyk çalyşmasynyň utgaşmasy, şertlerine baglylykda, dürlilikde bolup geçýär.
Ýylylyk çalyşmasynyň, bir wagtda bolup geçýän, özüne birikdirýän jemleme ýylylyk çalyşmasy prosesi **ýylylyk geçirmeklik** adyny aldy. Ýagny, temperaturallary dürli bolan iki sredanyň arasynda, araçäk bolan diwaryň galyňlygynyň üstünden bolup geçýän ýylylyk çalyşmak prosesi **ýylylyk geçirmeklik** diýip atlandyrylýar.
Inžener-gurluşykçy jaýyň taslamasyny düzmeklikde ýada jaý gurmaklykda gurluşyk normalarynyň gurluşyk ýylylyk tehnikasy baradaky ähli talaplaryny doly bilmelidir. Jaýlary ýada binalary taslamaklygyň ýa-da gurmaklygyň birnäçe wajyp meseleleri gurluşyk ýylylyk tehnikasynyň esasy düzgünnamalary esasynda çözülýär. Şeýle

hem, gurluşyk ýylylyk tehikasynyň esasy kanunlaryny bilmeklik, inžener-gurluşykça jaýyň germew konstruksiýalarynyň galyňlygyny we materialyny jaýyň ýyladyş ulgamy bilen özara baglanyşykly çözmeklige, täze tehniki we ykdysady taýdan amatly gurluşyk materiallaryny we konstruksiýalaryny işläp düzmeklige, otaglaryň ulanylyş aýratynlyklaryna görä olarda mümkin bolan käbir fiziki prosessleriň jaýyň germew konstruksiýalaryna edýän zyýanly täsirini çäklendirmeklik we şonuň esasynda olaryň talap edilýän ulanylyş hilini we hyzmat ediş möhletini ýokarlandyrmaklyga mümkinçilik döredýär.